# Iñ soňky garlawaç

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Iñ soňky garlawaç IŇ SOŇKY GARLAWAÇ




Iñ soňky garlawajam depämden geçdi gitdi…
Häzir güýz pasly…
Güýz – gussa döwri…
Guşlaryň gidip barýanyna ýüregim gyýylýar…
«Duruň, nirä barýaňyz, duruň-a!..» diýip… ses edip yzlaryndan ylgaýasym gelýär…
* * *

Häzir güýz pasly…
Kölegeler çekildi…
Günüň öňki ýylylygy ýok…
Aýralyk günleri…
Ak bulutlar gussa getirýän ýaly depämdd aýlanyp dur…
«Duruň, duruň, nirä gyssanýaňyz?..» diýip… gollarymy gerip, bulutlary tutaýasym gelýär…

* * *

Bir-birlerinden daş durup, gygyryp gürleşýän goňşy bagy-bossandaky obalylaryň indi sesleri-de eşdilenok…
Baglary bozdular…
Şahasynda ýatdan çykarlan ýek-tük üzüm hoşalary…
Ýaşly saçlar ýaly asmalar…
Ýazlagçylar tutularyny ýapyp gitdiler…
Bagyň içinde taşlanyp gidilen birküç sany oturgyç, bir plastmassa stol… Haçan gapy açylarka diýip biderek ýere garaşýan aç pişik…
Meniň şahasyndan tänip düşen şu ýapraklara has köp janym ýanýar…
«Duruň-a, şu duran ýeriňizde» diýip… toplap-toplap şahalaryna goýup çykasym gelýär…

* * *

Güýz – gussa…
Gün toprakdan, gum ýylylykdan, bugdaý sümmülinden, guşlar höwürtgesinden, gül ýapragyndan, ýaşyl sarysyndan, tomus yşklaryndan aýrylýar…
Terminallarda saralyp-saralyp gidýänler bar…
Bir gyz ýüzüni diwara bakan öwrüp, aglanyna utanýar…
Ýöne şu günler aýralyk zamany…
Şu pasylda adam çalt aglap bilýär…
Göreçleriň bulaklaryna bahana bolsa bolýar..
Ýaş gözden aýrylýar…

* * *

Güýz gaýgy-gussanyň pasly…
Bu aýralyklar maňa görä däl…
Elimde ak elýaglyk…
Yzlaryndan ylgap «aglamaň…» diýe-diýe… ähli nemli gözleri sylasym gelýär…

Bekir JOŞKUN.

«SÖZCÜ» gazeti, 02.09.2018 ý. Oýlanmalar